Türkmenistanyň Merkezi banky
Центральный банк Туркменистана

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК

## 2022-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna
на 1 июня 2022 года

Aşgabat 2022

# Mazmuny / Содержание


## SELJERIŞ MAKALALARY

TÜRKMENISTANYŇ KARZ EDARALARYNDA LIZING AMALLARYNY KÄMILLEŞDIRMEGIŇ ÝOLLARY
3

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ

TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
7

TABLISALAR
ТАБЛИЦЫ
9

## KADALAŞDYRYJY HUKUKNAMALAR

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 2022-nji ýylyň 19-njy aprelinde çykaran 97-iş belgili buýrugy bilen tassyklanylan Türkmenistanyň döwlet karz edaralary tarapyndan milli programma önümlerini döretmek we enjamlary öndürmek boýunça işler hem-de taýýar milli programma önümleriniň we enjamlarynyň satyn alynmagy we ulanyşa girizilmegi üçin kiçi we orta telekeçiligiň subýektlerine karzlary bermegiň Tertibi
21

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 2022-nji ýylyň 18-nji aprelinde çykaran 95-iş belgili buýrugy bilen tassyklanylan Türkmenistanyň karz edaralarynyň karz bermegi hakynda Düzgünnama
26

# Türkmenistanyň karz edaralarynda lizing amallaryny kämilleşdirmegiň ýollary

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň milli maksatnamalaryň esasynda köpugurly ösdürilmegi karz edaralar tarapyndan bank hyzmatlarynyň dünýäniň ösen ýurtlarynyň banklarynda giňden ulanylýan täze görnüşleriniň milli kada-kanunlara laýyklyklykda ýola goýulmagyny we olaryň müşderilere elýeter şertlerde hödürlenilmegini banklaryň öňünde baş wezipe edip goýýar.

Bazar gatnaşyklaryna geçilýän döwürde ýurdumyzda milli maksatnamalaryň esasynda tapgyrlaýyn durmuşa geçirilýän işlerde karz edaralarynyň hereket edýän guramaçylyk-hukuk gurluş düzüminiň üýtgedilip, olary paýdarlar jemgyýetine geçirilmek işleri banklaryň diňe bir ozaldan hereket edýän hyzmatlarynyň kämilleşdirilmegine däl-de, eýsem dünýä banklarynyň iş tejribelerinde giňden ulanylýan araçyllyk häsiýetdäki adaty däl bank hyzmatlarynyň täze görnüşleriniň ornaşdyrmaga giň mümkinçilikleri döredýär. Şunuň bilen baglylykda, banklaryň aktiw amallarynyň gerimini ýurtda bolup geçýän ykdysady özgertmeler bilen utgaşykly şertlerde köpugurly ösdürmek we bu ugurda alnyp barylýan işleri yzygiderli kämilleşdirmek karz edaralarynyň öňünde duran möhüm wezipeleriniň biri hökmünde çykyş edýär.

Mälim boluşy ýaly, «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynda» bank işewürliginde lizing amalyny ösdürmek boýunça işler göz öňünde tutuldy. Bulardan başga-da, 2030-njy ýyla çenli döwürde bank hyzmatlary bazarynyň ösüşiniň esasy ugurlarynyň biri bolup, maliýe hyzmatlar bazarynda bäsdeşlik üçin ýöriteleşdirilen bank däl karz-maliýe guramalaryny döretmek arkaly Türkmenistanyň karz ulgamyny düzümleýin kämilleşdirmek işleri wezipe edilip goýuldy.

Häzirki döwürde Türkmenistanyň karz edaralarynda lizing amallarynyň ýola goýulmagy 1999-njy ýylyň 15-nji sentýabryndaky çykarylan «Lizing hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna, Türkmenistanyň Raýat kodeksine we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy-hukuk namalaryna laýyklykda amala aşyrylýar.

Lizing sözi iňlisçe «leasing» ýa-da «to lease» diýlen sözlerden gelip çykyp, ony türkmen diline terjime edilende «kärende» ýa-da «kärendesine bermek» diýmekligi aňladýar. «Lizing» sözi özüniň many-mazmuny boýunça «kärende» diýmekligi aňladýan hem bolsa, ol adaty kärendäniň şertinden düýpli tapawutlanýar. Bu amallaryň tapawudyny we aýratynlyklaryny şu aşakdaky görkezilenler boýunça häsiýetlendirip bolar:

Kärende – bu kärendesine berijiniň özüniň eýeçiligine degişli bolan esasy serişdeleri şertnama esasynda bellibir möhlete çenli tölegli esasda kärendesine alyja wagtlaýyn ulanmaga berilmegini aňladýar. Kärendäniň şertinde kärende gatnaşyklary adatça iki tarapyň, ýagny kärendesine berijiniň we kärendesine alyjynyň arasynda ýola goýulyp, ol taraplaryň arasynda baglaşylan kärende şertnamasynda kärendä berilýän emlägi üçünji tarapa (ýagny, subarenda-garaşly kärendeçä) ulanmaga geçirmek şerti hem göz öňünde tutulyp bilner. Şunda kärende şertnamasy boýunça kärendesine beriji belli bir emlägi wagtlaýyn peýdalanmak üçin tölegli esasda kärendeçä bermäge borçlanýar, kärendeçi bolsa şol emlägi kärendesine alyp, ondan peýdalanany üçin kärendesine berijä kärende hakyny tölemäge borçlanýar. Taraplaryň özara ylalaşmagy bilen kärende hakyny pul ýa-da zat görnüşinde kesgitlenilip hem bilinýär.

Lizing kärendeden tapawutlylykda köpugurly häsiýetdäki işjeňlige degişlidir. Çünki lizing karzlaşdyrmaklygyň ýa-da maýa goýumy maliýeleşdirmekligiň bir formasy bolup, karz edaralar ýa-da bu ugurdan ýörite ygtyýarlandyrylan lizing kompaniýalar tarapyndan esasy serişdeleri satyn alyp, olary dürli möhletlere şertnama esasynda beýleki bir şahslara tölegli esasda wagtlaýyn ulanmaga

bermekligi aňladýar. Daşary ýurt tejribesinde lizing işiniň many-mazmunyna lizing berijiniň lizing şertnamasyny baglaşmak arkaly kesgitlenilen belli bir wezipeleri amala aşyrmak boýunça telekeçilik işiniň bir görnüşi hökmünde kesgitleme berilýär. Şeýlelikde kärendeden tapawutlylykda lizing özüniň many-mazmunynda diňe bir emlägi kärendesine bermek işlerini däl, eýsem karzlaşdyrmak we maýa goýumyny maliýeleşdirmek ýaly amallary hem özünde jemleýär.

Töleglilik ýörelgesiniň nukdaýnazaryndan alnanda, lizing karzlaşdyrmaklygyň bir formasy hökmünde çykyş etmek bilen oňa aşakdaky aýratynlyklar mahsusdyr:

- lizing adaty karzlardan tapawutlylykda karzlaşdyrmak işleri pul däl-de emläk görnüşinde amala aşyrylýar;
- lizingiň üpjünçiligi hökmünde lizinge berlen emläk çykyş edýär;
- karzyň möçberi lizing emläginiň ilkibaşdaky ýa-da galyndy gymmaty boýunça kesgitlenilýär we ş.m.

Maýa goýumlary maliýeleşdirmek görnüşinde häsiýetlendirilende, lizingiň obýekti (predmeti) hökmünde gozgalýan we gozgalmaýan emläkler (esasy serişdeler) çykyş edýändigi sebäpli, şol emläkleriň lizinge alynmagy bilen geljekde lizinge alyjyda önümçilikde ulanylýan esasy serişdeleri edinmäge we olaryň gerimini giňeltmäge mümkinçilik döredýändigini görkezip bolar.

Kärendesine bermek häsiýeti barada aýdylanda bolsa, lizing alyja lizingiň predmetlerini belli bir möhlete çenli tölegli esaslarda wagtlaýyn ulanylmaga berilýändigi bilen häsiýetlendirip bolar.

Lizingiň obýekti hökmünde sarp edilmeýän islendik emläkler, şol sanda kärhanalar, emläkleriň toplumlary, binalar, desgalar, enjamlar, ulag serişdeleri, oba hojalyk tehnikalary we beýleki gozgalýan we gozgalmaýan esasy serişdeler çykyş edýär.

Lizingiň subýekti hökmünde lizing beriji, lizing alyjy we lizingiň predmetini satyjy (ýa-da öndüriji) çykyş edýär. Lizingiň subýektlerini göni we gytak gatnaşyjylar görnüşlerde häsiýetlendirilip bolar. Göni gatnaşyjylara, lizing enjamyny satyjy (ýa-da öndüriji), bank (ýa-da lizing kompaniýasy) we lizing alyjy degişlidir. Gytak gatnaşyjylara göni gatnaşyjylardan başga-da, ätiýaçlandyryş kompaniýalary, konsalting firmalary we bu ugurdan ygtyýarnamasy bar bolan beýleki edaralar hem çykyş edip bilýärler.

Lizingiň predmetini satyjy hökmünde lizing emlägini önüdüriji ýa-da satyjy şahslar çykyş edip bilýäler.

Lizing alyjy – bu, baglaşylan lizing şertnamasy boýunça lizing emlägini ulanýan şahsdyr.

Lizing beriji – bu, özüniň eýeçiligindäki lizing emlägini baglaşylan şertnama esasynda lizing alyja wagtlaýyn peýdalanmaga beriji şahsdyr. Lizing beriji hökmünde şular çykyş edip bilýärler:

- lizing kompaniýalary ýa-da firmalar (ýagny, lizing işini amala aşyrmak üçin ýörite döredilýän ýuridik taraplar). Lizing kompaniýalarynyň (ýa-da firmalaryň) döredijileri hökmünde Türkmenistanyň rezidenti we rezidenti däl bolan şahslar çykyş edip bilýärler;
- banklar;
- lizing işi olar üçin esasy iş bolup durmaýan, emma şeýle işleri ýerine ýetirmek mümkinçilikleri barada özleriniň esaslandyryş resminamalarynda göz öňünde tutulan ýuridik taraplar;
- hususy kärhanalar we ş.m.

Sublizing (garaşly kärende). Taraplaryň arasyndaky baglaşylan lizing şertnamasy boýunça lizinge alnan emlägi lizing berijiniň ýazmaça beren razylygy esasynda, onuň öňünde jogapkär bolup galmak şerti bilen üçünji bir tarapa (sublizinge) wagtlaýyn peýdalanmak üçin tabşyrmaga lizing alyjynyň haky bardyr. Şunda sublizinge bermekligi lizing we sublizing alyjylarynyň öz aralarynda şertnama baglaşmak arkaly resmileşdirilip, onuň möhleti lizing şertnamasynyň umumy hereket edýän möhletinden (liz döwründen) ýokary bolup bilmez.

Hereket ediş çygry boýunça lizingi içerki we halkara görnüşlerde tapawutlandyrylýar. Içerki lizing amala aşyrylanda lizingiň subýektleri bolup Türkmenistanyň rezidentleri we eger-de halkara lizingi bolsa, onda lizingiň subýektleri hökmünde Türkmenistanyň rezidenti däl bolan taraplar (dürli ýurtlaryň wekilleri) çykyş edýärler.

Lizing amallaryna gatnaşyjylaryň arasynda lizing şertnamasy ýazmaça görnüşinde baglaşylýar. Lizing şertnamasy lizing berijiniň, lizing alyjynyň we lizingiň predmetini satyjynyň gatnaşmagy bilen köptaraplaýyn ylalaşyk ýa-da lizing berijiniň we lizing alyjynyň arasynda ikitaraplaýyn ylalaşyk görnüşinde baglaşylyp bilner. Şunda, lizing berijiniň we lizingiň predmetini satyjynyň arasynda ikitaraplaýyn şertnama baglaşylyp, lizingiň predmeti lizing berijiniň eýeçiligine degişli bolmasa, onda ony satmak-satyn almak barada taraplaryň arasynda goşmaça şertnama baglaşylýar. Lizingiň subýektleri pul serişdeleriniň çekilendigi hakynda girew şertnamasyny baglaşyp, kepilligi kabul edilip ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik üpjünçilikleriň beýleki görnüşlerini resmileşdirip bilýärler.

«Lizing hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, lizing şertnamasy baglaşylanda onuň hereket edýän möhleti bellenilip, şunda eger lizingiň predmetiniň kesgitlenen hyzmat ediş möhleti 10 ýyldan az bolsa, onda ol lizingiň predmetiniň umumy hyzmat ediş möhletiniň 80 göteriminden geçmelidir. Eger-de lizingiň predmetiniň kesgitlenen hyzmat ediş möhleti 10 ýyldan köp bolsa, onda lizing predmetiniň hyzmat ediş möhletiniň 70 göteriminden geçmelidir. Şonuň bilen birlikde, lizing predmetiniň kesilen galyndy bahasy lizing şertnamasynyň möhletiniň ahyrynda onuň deslapky (ilkibaşdaky) bahasynyň 20 göteriminden az bolmalydyr.

Dünýä banklarynyň we lizing kompaniýalarynyň iş tejribelerinden mälim boluşy ýaly, lizingiň maliýe we ýönekeý görnüşleri hereket edýär. Maliýe lizinginde taraplaryň arasyndaky baglaşylan şertnama esasynda lizingiň predmetini doly ulanyş möhletine golaý döwre çenli lizinge bermekligi göz öňünde tutulýar. Maliýe lizinginde emlägi lizinge alyjy lizing baradaky şertnamanyň hereket edýän döwründe alan emläginiň doly bahasyna golaý bölegini lizinge berijä tölemeklige we soňra ony emlägiň galyndy bahasy boýunça satyn almaklyga borçlandyrylyp bilinýär.

Ýönekeý (operatiw) lizingi baglaşylan lizing şertnamasy esasynda amala aşyrylýar we onda lizing emlägini özüniň doly ulanyş möwritinden az döwre çenli birnäçe lizinge alyjylara peýdalanmaga berlip, soňra şol emlägi lizinge berijä yzyna gaýtarlyp bermekligi göz öňünde tutulýar. Daşary ýurt banklarynyň iş tejribesinde ýönekeý lizingiň möhletini adatça 2-6 ýyla çenli kesitleniýär. Ýönekeý lizing däp bolşy ýaly, önümçilikde ýa-da beýleki bir işjeňlikde belli bir döwürler aralygyna kesgitli ýa-da möwsümleýin işleri ýerine ýetirmekde giňden ulanylýar. Ýönekeý lizingde lizing alyjy lizinge alnan emläkleri islendik wagt lizing berijä gaýtarmaga haky bardyr.

**Lizingiň tölegleri.** Dünýä banklarynyň (ýa-da lizing kompaniýalarynyň) iş tejribesinde lizing töleginiň şertlerini regressiw, annuitet we möwsümleýin usullarda kesgitlenilip bilinýär. Regressiw usulynda lizing tölegleriniň möçberi baglaşylan şertnamanyň hereket edýän döwründe kem-kemden peselýän görnüşde bolýar. Annuitet usulynda lizingiň tölegleri baglaşylan şertnamanyň hereket edýän döwründe deň möçberlerde tölemekligi göz öňünde tutulýar. Möwsümleýin usulyndaky töleg adatça möwsümleýin häsiýetdäki işlere (meselem, oba hojalygyna) degişli bolup, lizing tölegleriniň şertleri müşderiniň ýerine ýetirýän işlerinden möwsümleýin gazanyljak girdejiler bilen utgaşdyrmak arkaly kesgitlenilýär.

Lizing amallary özüniň häsiýeti boýunça banklaryň karz amallaryna degişlidigine garamazdan, hyzmatyň bu görnüşi boýunça alynýan tölegiň görnüşi adaty karzlaryňkydan özboluşly tapawutlanýar. Çünki, karzlaşdyrmakdan alynýan girdejiler adatça göterim görnüşinde her aýda hasaplanylyp alynýan bolsa, lizing amallarynyň tölegleri hyzmat haky (komissiýa) görnüşinde kesgitlenilip, ony lizing alyjynyň işiniň aýratynlygyna, hasaplaşyk hasabyndaky pul serişdeleriniň aýlanşygyna we beýleki

ýagdaýlara baglylykda her ýylda, her çärýekde, her aýda, her hepdede ýa-da şertnamada ylalaşylan anyk bir senelerde tölenilip hem bilinýär.

Lizing tölegleriniň görnüşi we şertleri geleşige gatnaşyjy taraplaryň öz aralarynda baglaşylýan lizing şertnamasynda ylalaşylyp, onuň düzüminde lizing emläginiň bahasy, könelme geçirimleri, karzyň göterimi (eger-de serişdeler tölegli şertlerde satyn alnan ýa-da çekilen bolsa), hyzmat haky (komission tölegler), goşmaça hyzmat tölegleri (ş.s. ätiýaçlandyryş tölegleri) we eger-de tölenilýän bolsa, onda goşmaça baha üçin salgydyň tölegi we beýlekiler göz öňünde tutulýar.

Lizing şertnamasy baglaşylanda lizing amallarynyň adatça, uzak möhletli häsiýete eýe bolýandygy sebäpli, lizing beriji tarapyndan ýüze çykyp biljek töwekgelçilikleri peseltmek maksady bilen lizingiň töleglerinde tapawutlandyrylan (differensirlenen) töleg şertini göz öňünde tutulyp hem bilner. Baglaşylýan lizing şertnamasynda tapawutlandyrylan tertipde töleg tölemegiň şertiniň göz öňünde tutulmagyna ýurtda milli puluň hümmetsizlenmek derejesiniň ýokary bolmagy, milli puluň nyrhynyň daşary ýurt puluna bolan hümmetiniň oňyn däl tarapa üýtgemegi, bank bazarlarynda karz serişdeleriň nyrhynyň durnuksyz bolmagy we ş.m. ýagdaýlar sebäp bolup biler.

Lizing karzynyň ýokary töwekgelçilikli we uzak möhletleýin hyzmatdaşlykly häsiýete eýe bolýandygy sebäpli, karzlar resmileşdirilmezden ozal karz edaralarynyň işgärleri tarapyndan lizing alyjy müşderiniň karz taryhyny, ýerine ýetirýän işleriniň aýratynlyklaryny, karza ukyplylygyny, iş meýilnamasyndaky görkezilen maglumatlaryň doly we dogrudygyny, lizing karzynyň hasabyna satyn alynýan emläkleriň bazar bahalaryny, olaryň liz döwründe görnüşi we hil taýdan könelmek mümkinçiligini, talabalaýyk saklanylyşyny we ulanylyşyny, tölegleriň doly we öz wagtynda tölenilişini hem-de beýleki gözegçilik-barlag işlerini bellenilen tertiplerde yzygiderli geçirilmek möhümdir.

Häzirki döwürde hormatly Prezidentimiziň tagallasy esasynda ýurdumyzyň karz edaralarynda lizing karzlaryny ösdürmek boýunça döwlet tarapyndan salgyt salmak we başga-da birnäçe ugurlardan ýeňillikler berilýär. Bulardan başga-da lizing karzynyň özüne çekijiligini gazanmak maksady bilen şu wezipeler ýerine ýetirilse has-da talabalaýyk bolar:

- «Lizing hakynda» Türkmenistanyň Kanunyny gaýtadan işlemeli we döwrüň ösen talaplaryna laýyklykda kämilleşdirmeli;
- ýurdumyzyň täjirçilik banklarynda lizing amallaryny bäsdeşlik esasynda ösdürmek maksady bilen döwlete dahylsyz taraplaryň paýly gatnaşmaklarynda ýöriteleşdirilen lizing kompaniýalaryny döretmek meselesini öwrenmeli;
- lizing karzynyň müşderiler üçin özüne çekijiligini ýokarlandyrmak maksady bilen karz edaralarynda berilýän lizing karzlaryny merkezleşdirilen serişdeleriň hasabyna amala aşyrmak mümkinçiligini öwrenmeli.

Ýokarda beýan edilen teklipleriň durmuşa geçirilmegi ýurdumyzyň karz edaralarynda lizing karzlaryny ösdürmek boýunça alnyp barylýan işleri has-da işjeňleşdirmäge we döwrüň ösen talaplaryna laýyklykda kämilleşdirmäge özüniň oňyn täsirini ýetirer.

**Annadurdy MELÄÝEW,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş
institutynyň «Bank işi» kafedrasynyň mugallymy

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI

# Тенденции развития банковской системы Туркменистана

**2022-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat**
**Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 июня 2022 г.**




**2022-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat**
**Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 июня 2022 г.**




**2022-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany**
**Количество обменных пунктов иностранной валюты по кредитным учреждениям Туркменистана на 1 июня 2022 года**




**Karz edaralaryň işjeňleriniň düzümi, (%-de)**
**Структура активов кредитных учреждений, (в %)**



## Karz edaralaryň işjeň dälleriniň düzümi, (%-de)
### Структура пассивов кредитных учреждений, (в %)




## 2022-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat
### Величина уставного фонда кредитных учреждений по состоянию на 1 июня 2022 г.




## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)
### Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий и организаций по срокам их размещения (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň eýeçiligi boýunça bölünişi (mln manatda)
### Кредиты кредитных учреждений, предоставленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по формам их собственности (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)
### Кредиты кредитных учреждений, предоставленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по срокам их размещения (в млн манат)




## 2022-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan bank kartlary boýunça maglumat (görkezijiler tegeleklenip alyndy)
### Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана банковских картах по состоянию на 1 июня 2022 года (указатели округлены)



## Türkmenistanyň karz edaralarynyň işjeňliginiň esasy görkezijileri
## Основные показатели деятельности кредитных учреждений Туркменистана

| GÖRKEZIJILER<br>ПОКАЗАТЕЛИ | ölçeg birligi<br>ед. измер. | 01.06.2021 | 01.01.2022 | 01.06.2022 | 01.06.2022<br>01.01.2022-e, %-de | 01.06.2022<br>01.06.2021-e, %-de |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1. Bellige alnan karz edaralary**<br>Зарегистрированные кредитные учреждения | sany / ед. | **11** | **10** | **10** | *100,0* | *90,9* |
| şol sanda:<br>в том числе: | | | | | | |
| - döwlet täjirçilik<br>- государственно-коммерческие | sany / ед. | 4 | 4 | 3 | *75,0* | *75,0* |
| - paýdarlar täjirçilik<br>- акционерно-коммерческие | sany / ед. | 4 | 4 | 5 | *125,0* | *125,0* |
| - daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>- филиалы иностранных банков | sany / ед. | 2 | 1 | 1 | *100,0* | *50,0* |
| - Döwlet ösüş banky<br>- Государственный банк развития | sany / ед. | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| **2. Karz edaralaryň şahamçalarynyň sany**<br>Количество филиалов кредитных учреждений | sany / ед. | **147** | **147** | **147** | *100,0* | *100,0* |
| **3. Karz edaralarynda hyzmat edilýän müşderilere açylan hasaplaryň sany**<br>Количество счетов открытых клиентом обслуживаемых кредитными учреждениями | sany / ед. | * | **6 119 332** | * | | |
| **4. Karz edaralaryň işgärleriniň sany**<br>Численность работников кредитных учреждений | sany / ед. | * | **8 581,5** | * | | |
| **5. Karz edaralaryň hakyky toplan esaslyk maýasynyň möçberi**<br>Фактически сформированный уставный фонд кредитных учреждений | mln manat<br>млн манат | **6 043,6** | **6 362,3** | **6 612,2** | *103,9* | *109,4* |
| **6. Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan karz edaralaryň aragatnaşyk hasaplaryndaky galyndylary (milli pulda)**<br>Остаток на корреспондентских счетах кредитных учреждений в Центральном банке Туркменистана (в нац. валюте) | mln manat<br>млн манат | **6408,33** | **4 876,68** | **7 783,97** | *159,6* | *121,5* |
| **7. Türkmenistanyň karz edaralarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylary**<br>Остаток кредитов кредитных учреждений Туркменистана в национальной валюте, предоставленные предприятиям, организациям, населению | mln manat<br>млн манат | **72 649,50** | **78 608,05** | **82 457,69** | *104,9* | *108,2* |
| **8. Karz edaralarynda kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleri (milli pulda)**<br>Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения в кредитных учреждениях (в нац. валюте) | mln manat<br>млн манат | **36 210,20** | **38 807,14** | **40 144,82** | *103,45* | *110,9* |

*Ylmy-önümçilik geňeşinde taýýarlanyldy / Подготовлено Научно-производственным советом*

## 2022-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat
## Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 июня 2022 г.

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений | Şahamçalaryň sany<br>Количество филиалов | Ahal<br>Ахал | Aşgabat<br>Ашхабад | Balkan<br>Балкан | Daşoguz<br>Дашогуз | Lebap<br>Лебап | Mary<br>Мары |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» | **23** | 3 | 9 | 4 | 1 | 3 | 3 |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» | **23** | 1 | 5 | 4 | 3 | 6 | 4 |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» | **50** | 7 | 1 | 7 | 10 | 13 | 12 |
| **TD Daşary ykdysady iş banky**<br>Туркменвнешэкономбанк | **3** | | 2 | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк» | **31** | 4 | 7 | 3 | 4 | 7 | 6 |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат» | **13** | 1 | 2 | 4 | 2 | 2 | 2 |
| **«Rysgal» PTB**<br>АКБ «Рысгал» | **4** | | | 1 | 1 | 1 | 1 |
| **Jemi / Итого** | **147** | **16** | **26** | **24** | **21** | **32** | **28** |

*Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Банковского надзора*

## 2022-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat
## Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 июня 2022 г.

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений | Gulluklaryň sany<br>Кол-во агентств | Ahal<br>Ахал | Aşgabat<br>Ашхабад | Balkan<br>Балкан | Daşoguz<br>Дашогуз | Lebap<br>Лебап | Mary<br>Мары |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» | **2** | | 1 | | 1 | | |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» | **9** | 1 | | 2 | 1 | 4 | 1 |
| **TD Daşary ykdysady iş banky**<br>Туркменвнешэкономбанк | **1** | | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк» | **4** | | | | | 4 | |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат» | **1** | | | | 1 | | |
| **Türkmen-Türk PTB**<br>Туркмено-Турецкий АКБ | **7** | | 2 | 1 | 1 | 2 | 1 |
| **Jemi / Итого** | **24** | **1** | **3** | **4** | **4** | **10** | **2** |

*Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Банковского надзора*

## 2022-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat
## Информация об уставном фонде кредитных учреждений по состоянию на 1 июня 2022 г.

*müň manat / тыс. манат*

| Bellige alnan karz edaralar<br>Зарегистрированные кредитные учреждения | Esaslyk maýalarynyň möçberi<br>Размер уставного фонда | Esaslyk maýalaryň umumy möçberinden düşýän paýy, %<br>Уд. вес к итогу, % |
|---|---|---|
| döwlet täjirçilik banklary<br>государственно-коммерческие банки | 1 974 972,9 | 29,87 |
| paýdarlar täjirçilik banklary<br>акционерно-коммерческие банки | 1 782 703,5 | 26,96 |
| daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>филиалы иностранных банков | 4 571,0 | 0,07 |
| Döwlet ösüş banky<br>Государственный банк развития | 2 850 000,0 | 43,10 |
| **Jemi / Всего** | **6 612 247,4** | **100,0** |

*Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Банковского надзора*

## 2022-nji ýylyň maý aýynda TMB-niň karz auksionynda yglan edilen göterim derejeleri
### Объявленные процентные ставки на кредитном аукционе ЦБТ в мае 2022 года

| Karzlaryň möhleti<br>сроки предоставления кредитов | Göterim derejesi, (%)<br>Процентная ставка, (%) |
|---|---|
| 1 ýyldan artyk bolmadyk möhlete<br>до 1 года | 5,0 % |

## 2022-nji ýylyň maý aýynda TMB-niň goýum amallary auksionynda yglan edilen göterim derejeleri
### Объявленные процентные ставки на депозитном аукционе ЦБТ в мае 2022 года

| Goýumlaryň möhleti<br>сроки привлечения депозитов | Göterim derejesi, (%)<br>Процентная ставка, (%) |
|---|---|
| 1 aý<br>1 месяц | 3,0 % |
| 2 aý<br>2 месяца | 3,5 % |
| 3 aý<br>3 месяца | 4,0 % |

*Karz amallary müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Кредитных операций*

## Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gaýtadan maliýeleşdiriş göterim derejesi
### Ставка рефинансирования Центрального банка Туркменистана

| Hereket eden döwri<br>Период действия | Göterimiň derejesi,%<br>Процентная ставка,% | Esas<br>Основание |
|---|---|---|
| 08.07.1997 - 05.08.1998 | 35 | TMB-niň 08.07.1997 ý. senesinden 125 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N125 от 08.07.1997 г. |
| 06.08.1998 - 02.08.1999 | 30 | TMB-niň 06.08.1998 ý. senesinden 196 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N196 от 06.08.1998 г. |
| 03.08.1999 - 11.02.2000 | 27 | TMB-niň 03.08.1999 ý. senesinden 212 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N212 от 03.08.1999 г. |
| 12.02.2000 - 24.05.2000 | 25 | TMB-niň 11.02.2000 ý. senesinden 39 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N39 от 11.02.2000 г. |
| 25.05.2000 - 01.01.2001 | 20 | TMB-niň 25.05.2000 ý. senesinden 161 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N161 от 25.05.2000 г. |
| 02.01.2001 - 09.12.2001 | 15 | TMB-niň 02.01.2001 ý. senesinden 1 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N1 от 02.01.2001 г. |
| 10.12.2001 - 01.03.2003 | 12 | TMB-niň 07.12.2001 ý. senesinden 304 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N304 от 07.12.2001 г. |
| 01.03.2003 - 01.06.2004 | 10 | TMB-niň 23.01.2003 ý. senesinden 1 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ № 1 от 23.01.2003 г. |
| 01.06.2004 | 5 | TMB-niň 25.05.2004 ý. senesinden 133 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ № 133 от 25.05.2004 г. |

*Makroykdysady seljeriş we maliýe syýasaty müdirliginde taýýarlanyldy*
*Подготовлено департаментом Макроэкономического анализа и финансовой политики*

## Karz edaralarynyň Türkmenistanyň Merkezi bankyna hökmany ätiýaçlyklaryna geçirmeli möçberleri
## Нормативы отчислений кредитных учреждений в обязательные резервы Центрального банка Туркменистана

| Bellenilen senesi<br>Утвержденная дата | Hökmany ätiýaçlyklaryň derejesi<br>Уровень обязательных резервов | Bellikler<br>Примечания |
|---|---|---|
| 19.01.2001 | 5% | - edara görnüşli taraplardan manatdaky we daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным средствам в национальной и иностранной валюте юридических лиц |
| | 25% | - edara görnüşli taraplardan manatdaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным средствам в национальной валюте юридических лиц |
| | 8% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным средствам в иностранной валюте юридических лиц |
| 20.07.2006 | 3% | - edara görnüşindäki taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 20% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 5% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| | 8% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| 03.04.2009 | 3% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 15% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 5% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| | 8% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| 17.02.2011 | 3% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 10% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 5% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| | 8% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| 11.02.2015 | 5% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 12% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 6% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| | 9% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |

*Karz amallary müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Кредитных операций*

**Londonyň gymmat bahaly metallar bazarynyň assosiasiýasy (LBMA) tarapyndan irdenki söwdada bellenilen nyrhy boýunça 2022-nji ýylyň maý aýyndaky gymmat bahaly metallaryň 1 (bir) unsiýasynyň türkmen manadyna bolan gatnaşyklarynyň sanawy**

**Перечень цен драгоценных металлов за 1 (одну) унцию по результатам утренних торгов Лондонской Ассоциации рынков драгоценных металлов (LBMA) по отношению к туркменскому манату, действительных в мае 2022 года**

*manat / манат*

| | Altyn / Золото | Kümüş / Серебро | Platina / Платина | Palladiý / Палладий |
|---|---|---|---|---|
| 03.05.2022 | 6 502,6500 | 79,2050 | 3 290,0000 | 7 801,5000 |
| 04.05.2022 | 6 540,4500 | 79,0825 | 3 419,5000 | 8 001,0000 |
| 05.05.2022 | 6 633,2000 | 80,2025 | 3 451,0000 | 7 882,0000 |
| 06.05.2022 | 6 595,0500 | 78,6975 | 3 356,5000 | 7 525,0000 |
| 09.05.2022 | 6 528,9000 | 76,5275 | 3 321,5000 | 7 252,0000 |
| 10.05.2022 | 6 517,8750 | 76,5275 | 3 423,0000 | 7 325,5000 |
| 11.05.2022 | 6 481,1250 | 76,2475 | 3 451,0000 | 7 182,0000 |
| 12.05.2022 | 6 477,6250 | 73,4475 | 3 412,5000 | 6 947,5000 |
| 13.05.2022 | 6 384,7000 | 72,9400 | 3 346,0000 | 6 741,0000 |
| 16.05.2022 | 6 320,3000 | 74,0950 | 3 283,0000 | 6 769,0000 |
| 17.05.2022 | 6 398,1750 | 76,2300 | 3 318,0000 | 7 056,0000 |
| 18.05.2022 | 6 364,7500 | 75,8275 | 3 360,0000 | 7 336,0000 |
| 19.05.2022 | 6 389,4250 | 75,4600 | 3 251,5000 | 6 965,0000 |
| 20.05.2022 | 6 462,0500 | 77,1050 | 3 363,5000 | 7 063,0000 |
| 23.05.2022 | 6 525,0500 | 77,2975 | 3 391,5000 | 7 045,5000 |
| 24.05.2022 | 6 505,1000 | 76,7375 | 3 360,0000 | 7 042,0000 |
| 25.05.2022 | 6 506,6750 | 76,4050 | 3 318,0000 | 6 982,5000 |
| 26.05.2022 | 6 458,0250 | 76,5975 | 3 300,5000 | 6 979,0000 |
| 27.05.2022 | 6 506,3250 | 77,9625 | 3 332,0000 | 7 101,5000 |
| 30.05.2022 | 6 500,3750 | 77,1225 | 3 353,0000 | 7 283,5000 |
| 31.05.2022 | 6 490,4000 | 76,1950 | 3 370,5000 | 7 245,0000 |

***Halkara amallar müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Международных операций***

Görkezilen gatnaşyklar Türkmenistanyň Merkezi bankynyň olar boýunça gymmat bahaly metallary satyn almak ýa-da satmak borçnamalaryny göz öňüne tutmazdan bellenildi.

Цены установлены без обязательств Центрального банка Туркменистана покупать или продавать указанные драгоценные металлы по данным ценам

## Türkmenistanyň karz edaralarynda milli pulda berlen karzlaryň ortaça göterim derejeleri (%)
## Средние процентные ставки по кредитам в национальной валюте кредитных учреждений Туркменистана (%)

| | Döwlet täjirçilik banklary Государственные коммерческие банки | | Paýdarlar täjirçilik banklary Акционерные коммерческие банки | | Döwlet ösüş banky Государственный банк развития | | Daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagyndaky banklar Банки с участием иностранного капитала | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Edara görnüşli taraplara Юрид. лицам | Şahsy taraplara Физ. лицам | Edara görnüşli taraplara Юрид. лицам | Şahsy taraplara Физ. лицам | Edara görnüşli taraplara Юрид. лицам | Şahsy taraplara Физ. лицам | Edara görnüşli taraplara Юрид. лицам | Şahsy taraplara Физ. лицам |
| **aprel, 2022 апрель, 2022** | | | | | | | | |
| Talap edilýänçä До востребования | | | | | | | | |
| 1 aýa çenli до 1 м-ца | | | | 14,0 | | | | |
| 1-3 aýa çenli 1-3 м-ца | | | | 14,0 | | | | |
| 3-6 aýa çenli 3-6 м-ца | 8,5 | | 7,0 | 10,8 | | | | |
| 6-12 aýa çenli 6-12 м-ца | 6,0 | 10,0 | 7,0 | 14,0 | | | | |
| 1 ýyldan ýokary свыше 1 г. | 7,5 | 11,60 | 6,6 | 9,3 | | | | |

## Türkmenistanyň karz edaralarynda milli pulda çekilen goýumlaryň ortaça göterim derejeleri (%)
## Средние процентные ставки по депозитам в национальной валюте кредитных учреждений Туркменистана (%)

| | Döwlet täjirçilik banklary Государственные коммерческие банки | | Paýdarlar täjirçilik banklary Акционерные коммерческие банки | | Döwlet ösüş banky Государственный банк развития | | Daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagyndaky banklar Банки с участием иностранного капитала | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Edara görnüşli taraplara Юрид. лицам | Şahsy taraplara Физ. лицам | Edara görnüşli taraplara Юрид. лицам | Şahsy taraplara Физ. лицам | Edara görnüşli taraplara Юрид. лицам | Şahsy taraplara Физ. лицам | Edara görnüşli taraplara Юрид. лицам | Şahsy taraplara Физ. лицам |
| **aprel, 2022 апрель, 2022** | | | | | | | | |
| Talap edilýänçä До востребования | | 3,0 | | 3,5 | | | | |
| 1 aýa çenli до 1 м-ца | | | | 1,0 | | | | |
| 1-3 aýa çenli 1-3 м-ца | | 9,0 | | 4,0 | | | | |
| 3-6 aýa çenli 3-6 м-ца | | 9,0 | | 7,0 | | | | |
| 6-12 aýa çenli 6-12 м-ца | 0,2 | 9,2 | 3,0 | 9,8 | | | | |
| 1 ýyldan ýokary свыше 1 г. | 5,0 | 11,0 | | 9,3 | | | | |

## Türkmenistanyň karz edaralary tarapyndan milli pulda berlen karzlar we olaryň göterim derejeleri
## Кредиты в национальной валюте, предоставленные кредитными учреждениями и процентные ставки по ним

| Показатели | 2022-nji ýylyň aprel aýynda berlen karzlaryň möçberi we ortaça göterim derejeleri Объем выданных кредитов и средние процентные ставки в апреле 2022 г. | | 2022-nji ýylyň ýanwar - aprel aýlarynda berlen karzlaryň möçberi we ortaça göterim derejeleri Объем выданных кредитов и средние процентные ставки в январе - апреле 2022 г. | |
|---|---|---|---|---|
| | Möçberi (mln manat) Сумма (млн манат) | Ortaça göterimi (%) Средний процент (%) | Möçberi (mln manat) Сумма (млн манат) | Ortaça göterimi (%) Средний процент (%) |
| **Jemi berildi Выдано, всего** | **1 548,07** | **6,36** | **5 152,29** | **6,02** |
| edara görnüşli taraplara юридическим лицам | 1 198,92 | 5,93 | 4 121,02 | 5,68 |
| raýatlara физическим лицам | 349,15 | 7,83 | 1 031,27 | 7,35 |
| **Jemi berlen karzlardan: Из общей суммы кредитов:** | | | | |
| **Gysga möhletli, jemi Краткосрочные, всего** | **282,65** | **6,14** | **894,40** | **6,19** |
| edara görnüşli taraplara юридическим лицам | 282,53 | 6,13 | 893,77 | 6,19 |
| raýatlara физическим лицам | 0,13 | 12,26 | 0,36 | 11,64 |
| **Uzak möhletli, jemi Долгосрочные, всего** | **1 265,42** | **6,41** | **4 257,89** | **5,98** |
| edara görnüşli taraplara юридическим лицам | 916,40 | 5,86 | 3 227,26 | 5,54 |
| raýatlara физическим лицам | 349,02 | 7,83 | 1 030,64 | 7,35 |

## Karz edaralary tarapyndan milli pulda çekilen goýumlar we olaryň göterim derejeleri
### Депозиты в национальной валюте, привлеченные кредитными учреждениями и процентные ставки по ним

| Görkezijiler<br>Показатели | 2022-nji ýylyň aprel aýynda çekilen goýumlaryň möçberi we ortaça göterim derejeleri<br>Объем привлеченных депозитов и средние процентные ставки в апреле 2022 г. | | 2022-nji ýylyň ýanwar - aprel aýlarynda çekilen goýumlaryň möçberi we ortaça göterim derejeleri<br>Объем привлеченных депозитов и средние процентные ставки в январе - апреле 2022 г. | |
|---|---|---|---|---|
| | Möçberi (mln manat)<br>Сумма (млн манат) | Ortaça göterimi (%)<br>средний процент (%) | Möçberi (mln manat)<br>Сумма (млн манат) | Ortaça göterimi (%)<br>средний процент (%) |
| **Jemi çekilen:<br>Привлечено всего:** | **16 495,40** | **0,64** | **687 615,76** | **0,05** |
| **Talap edilýänçä<br>До востребования** | **16 232,94** | **0,59** | **686 686,40** | **0,05** |
| edara görnüşli taraplar<br>юридические лица | 13 367,66 | 0,00 | 677 058,27 | 0,00 |
| raýatlar<br>физические лица | 2 865,27 | 3,36 | 9 628,13 | 3,11 |
| **Möhletli<br>Срочные** | **262,47** | **3,80** | **929,35** | **2,96** |
| edara görnüşli taraplar<br>юридические лица | 149,34 | 0,86 | 729,75 | 1,44 |
| raýatlar<br>физические лица | 113,12 | 7,67 | 199,60 | 8,53 |

***Makroykdysady seljeriş we maliýe syýasaty müdirliginde taýýarlanyldy***
***Подготовлено департаментом Макроэкономического анализа и финансовой политики***

## Türkmenistanyň karz edaralarynyň jemlenen jebislendirilen balansy
### Сводный консолидированный баланс кредитных учреждений Туркменистана

*müň manat / тыс. манат*

| | 01.06.2021 | 01.01.2022 | 01.06.2022 | 01.06.2022 ý.<br>01.06.2021 ý.<br>%-de |
|---|---|---|---|---|
| **IŞJEŇLER / АКТИВЫ** | | | | |
| Kassa we oňa deňlenen serişdeler<br>Касса и приравненные к ней средства | 401 702,46 | 427 022,45 | 640 094,88 | *159,3* |
| Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky aragatnaşyk we ätiýaçlyk hasaplaryndaky serişdeler<br>Корреспондентские счета в Центральном банке Туркменистана и средства на резервных счетах | 12 929 472,84 | 11 386 645,46 | 13 686 870,59 | *105,9* |
| Karz edaralara, kärhanalara, guramalara we raýatlara goýberilen karzlar<br>Кредиты, предоставленные кредитным учреждениям, предприятиям, организациям и гражданам | 106 364 222,61 | 109 358 286,01 | 112 462 338,42 | *105,7* |
| Esasy serişdeler we maýa goýumlary<br>Основные средства и инвестиции | 1 735 307,34 | 1 663 139,73 | 1 663 095,03 | *95,8* |
| Gaýry işjeňler<br>Прочие активы | 13 310 051,71 | 15 935 526,01 | 12 339 195,95 | *92,7* |
| **JEMI IŞJEŇLER / ВСЕГО АКТИВОВ** | **134 740 756,96** | **138 770 619,7** | **140 791 594,87** | ***104,5*** |
| **IŞJEŇ DÄLLER / ПАССИВЫ** | | | | |
| Hususy serişdeler<br>Собственные средства | 9 834 913,74 | 11 043 705,66 | 11 016 410,49 | *112,0* |
| Karz alnan we çekilen serişdeler<br>Привлеченные и заемные средства | 106 787 969,31 | 106 883 671,74 | 108 138 141,85 | *101,3* |
| Karz çeşmeler boýunça şahamçalar bilen özara hasaplaşyklar<br>Взаимные расчеты с филиалами по кредитным ресурсам | 13 904 542,27 | 16 280 711,70 | 16 371 900,15 | *117,7* |
| Gaýry işjeň däller<br>Прочие пассивы | 4 213 331,65 | 4 562 530,56 | 5 265 142,39 | *125,0* |
| **JEMI IŞJEŇ DÄLLER / ВСЕГО ПАССИВОВ** | **134 740 756,96** | **138 770 619,7** | **140 791 594,87** | ***104,5*** |

***Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy***
***Подготовлено департаментом Банковского надзора***

## Türkmenistanyň karz edaralary tarapyndan kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda berlen karzlaryň galyndylary barada maglumat
### Информация об остатке задолжностей кредитов предоставленные кредитными учреждениями Туркменистана в национальной валюте предприятиям, организациям, населению

*mln manat / млн манат*

| Görkezijiler<br>Показатели | 01.06.2021 | | | | 01.01.2022 | | | | 01.06.2022 | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Jemi karzlar<br>Всего кредитов | şol sanda / в том числе: | | | Jemi karzlar<br>Всего кредитов | şol sanda / в том числе: | | | Jemi karzlar<br>Всего кредитов | 01.06.2022 ý.<br>01.06.2021 ý.<br>%-de | şol sanda / в том числе: | | |
| | | Gysga möhletli<br>Краткосроч-ные | Uzak möhletli<br>Долго-срочные | Möhleti geçen<br>Просрочен-ные | | Gysga möhletli<br>Краткосроч-ные | Uzak möhletli<br>Долго-срочные | Möhleti geçen<br>Просрочен-ные | | | Gysga möhletli<br>Краткосроч-ные | Uzak möhletli<br>Долго-срочные | Möhleti geçen<br>Просрочен-ные |
| Türkmenistanyň karz edaralary tarapyndan kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda berlen karzlaryň galyndylary<br>Остаток кредитов предоставленные кредитными учреждениями Туркменистана в национальной валюте, предприятиям, организациям, населению | **72 649,5** | **3 157,9** | **69 051,7** | **439,8** | **78 608,1** | **4 187,0** | **73 999,7** | **421,4** | **82 457,7** | 113,5 | **4 007,9** | **78 419,3** | **30,5** |
| şol sanda:<br>в том числе: | | | | | | | | | | | | | |
| Döwlet eýeçiligine degişli kärhanalara we guramalara berlen karzlar<br>Кредиты, выданные предприятиям и организациям государственной собственности | **52 588,0** | 2 986,3 | 49 200,2 | 401,4 | **54 200,5** | 3 976,6 | 49 832,0 | 391,9 | **54 985,0** | 104,6 | 3 472,0 | 51 510,8 | 2,3 |
| Döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk kärhanalara we guramalara berlen karzlar<br>Кредиты, предоставленные предприятиям и организациям негосударственной собственности | **6 437,2** | 120,9 | 6 281,8 | 34,6 | **8 827,5** | 173,8 | 8 625,7 | 28,0 | **10 607,8** | 164,8 | 497,0 | 10 083,5 | 27,3 |
| Raýatlara we edara görnüşindäki tarapy döretmeýän telekeçilere berlen karzlar<br>Кредиты физическим лицам и предпринимателям без образования юридического лица | **13 624,3** | 50,7 | 13 569,7 | 3,9 | **15 580,0** | 36,6 | 15 541,9 | 1,5 | **16 864,8** | 123,8 | 39,0 | 16 825,0 | 0,9 |

*Karz amallary müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Кредитных операций*

## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň ösüş depgini
### Темпы роста средств на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения

*mln manat / млн манат*

| Görkezijiler<br>Показатели | 01.06.2021 | | | 01.01.2022 | | | 01.06.2022 | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Talap edilýänçä<br>До востребования | Möhletli<br>Срочные | Jemi<br>Всего | Talap edilýänçä<br>До востребования | Möhletli<br>Срочные | Jemi<br>Всего | Talap edilýänçä<br>До востребования | Möhletli<br>Срочные | Jemi<br>Всего | 01.06.2022 ý.<br>01.06.2021 ý.<br>%-de |
| Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleri<br>Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения в кредитных учреждениях | **36 255,73** | **14 555,24** | **50 810,97** | **36 116,29** | **15 938,15** | **52 054,45** | **37 128,06** | **16 163,46** | **53 291,51** | *104,9* |
| şol sanda:<br>в том числе: | | | | | | | | | | |
| Döwlet eýeçiligine degişli kärhanalaryň we guramalaryň hasaplaryndaky serişdeler<br>Средства предприятий и организаций государственной собственности | 19 796,71 | 13 566,50 | **33 363,21** | 18 266,67 | 14 955,86 | **33 222,53** | 21 524,12 | 15 111,52 | **36 635,63** | *109,8* |
| Döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaryndaky serişdeler<br>Средства предприятий, организаций негосударственной собственности и населения | 16 459,02 | 988,74 | **17 447,76** | 17 849,62 | 982,29 | **18 831,91** | 15 603,94 | 1 051,94 | **16 655,88** | *95,5* |
| şol sanda:<br>raýatlaryň we edara görnüşindäki tarapy döretmeýän telekeçileriň hasaplaryndaky serişdeler<br>в том числе:<br>Средства физических лиц и предпринимателей без образования юридического лица | 5 336,62 | 492,76 | **5 829,39** | 5 617,48 | 498,90 | **6 116,37** | 4 911,35 | 476,72 | **5 388,07** | *92,4* |

*Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Банковского надзора*

# Raýatlaryň Türkmenistanyň karz edaralaryndaky goýumlary
## Вклады населения в кредитных учреждениях Туркменистана

*mln manat / млн манат*

| Görkezijiler<br>Показатели | 01.06.2021 | | | 01.01.2022 | | | 01.06.2022 | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Goýumlara çekilen serişdeleriň jemi, şol sanda<br>Всего привлеченных средств во вкладах, в т.ч. | Talap edilýänçä<br>До востребования | Möhletli<br>Срочные | Goýumlara çekilen serişdeleriň jemi, şol sanda<br>Всего привлеченных средств во вкладах, в т.ч. | Talap edilýänçä<br>До востребования | Möhletli<br>Срочные | Goýumlara çekilen serişdeleriň jemi, şol sanda<br>Всего привлеченных средств во вкладах, в т.ч. | 01.06.2022 ý. - 01.06.2021 ý.<br>%-de | Talap edilýänçä<br>До востребования | 01.06.2022 ý. - 01.06.2021 ý.<br>%-de | Möhletli<br>Срочные | 01.06.2022 ý. - 01.06.2021 ý.<br>%-de |
| Döwlet täjirçilik banklarynda<br>В государственных коммерческих банках | **2 224,7** | 1 919,6 | 305,1 | **1 999,5** | 1 747,3 | 252,3 | **1 772,1** | *79,7* | 1 516,4 | *79,0* | 255,7 | *83,8* |
| Paýdarlar täjirçilik banklarynda*<br>В акционерно-коммерческих банках* | **660,7** | 535,6 | 125,1 | **1 036,1** | 854,7 | 181,4 | **1 057,2** | *160,0* | 878,3 | *164,0* | 178,9 | *143,0* |
| Daşary ýurt banklarynyň şahamçalarynda<br>В филиалах иностранных банков | **0,6** | 0,6 | | **0,4** | 0,4 | | **0,3** | *61,4* | 0,3 | *61,4* | | |
| **Jemi / Итого** | **2 886,0** | **2 455,8** | **430,2** | **3 036,0** | **2 602,3** | **433,6** | **2 829,6** | *98,0* | **2 395,0** | *97,5* | **434,6** | *101,0* |

* Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 9-njy iýulyndaky 2316 belgili Karary esasynda Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» döwlet täjirçilik bankynyň guramaçylyk-hukuk görnüşi üýtgedilip, Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» paýdarlar täjirçilik bankyna öwrüldi.

* Постановлением Президента Туркменистана от 9 июля 2021 года № 2316 организационно-правовая форма Государственного коммерческого банка Туркменистана «Туркменбаши» изменена на акционерный коммерческий банк Туркменистана «Туркменбаши».

***Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Банковского надзора***

## 2022-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan terminallar, bankomatlar hem-de bank kartlary boýunça maglumat
### Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана терминалах, банкоматах и банковских картах по состоянию на 1 июня 2022 года

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений | Bank kartlary<br>Банковские карты | Bankomatlar<br>Банкомат | Terminallar<br>Терминал | Ahal welaýaty<br>Ахалский велаят | | | Aşgabat<br>Ашхабад | | | Balkan welaýaty<br>Балканский велаят | | | Daşoguz welaýaty<br>Дашогузский велаят | | | Lebap welaýaty<br>Лебапский велаят | | | Mary welaýaty<br>Марыйский велаят | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Bank kartlary<br>Банковские карты | Bankomatlar<br>Банкоматы | Terminallar<br>Терминалы | Bank kartlary<br>Банковские карты | Bankomatlar<br>Банкоматы | Terminallar<br>Терминалы | Bank kartlary<br>Банковские карты | Bankomatlar<br>Банкоматы | Terminallar<br>Терминалы | Bank kartlary<br>Банковские карты | Bankomatlar<br>Банкоматы | Terminallar<br>Терминалы | Bank kartlary<br>Банковские карты | Bankomatlar<br>Банкоматы | Terminallar<br>Терминалы | Bank kartlary<br>Банковские карты | Bankomatlar<br>Банкоматы | Terminallar<br>Терминалы |
| Türkmenistanyň Merkezi banky<br>Центральный банк Туркменистана | 1 | 6 | 1 | | 1 | | 1 | 1 | 1 | | 1 | | | 1 | | | 1 | | | 1 | |
| Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB<br>ГКБТ «Туркменистан» | 964 952 | 436 | 7 854 | 66 106 | 41 | 870 | 456 467 | 204 | 3 240 | 145 897 | 64 | 1 191 | 66 446 | 26 | 530 | 106 488 | 49 | 1 046 | 123 548 | 52 | 977 |
| Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB<br>АКБТ «Туркменбаши» | 530 617 | 357 | 5 669 | 7 753 | 7 | 111 | 188 764 | 92 | 1 183 | 118 684 | 81 | 935 | 36 147 | 35 | 770 | 100 344 | 76 | 1 279 | 78 925 | 66 | 1 391 |
| Türkmenistanyň «Halkbank» PTB<br>АКБТ «Халкбанк» | 535 923 | 143 | 7 852 | 35 871 | 11 | 902 | 199 315 | 67 | 2 317 | 34 635 | 5 | 718 | 41 157 | 9 | 1 047 | 138 499 | 25 | 1 527 | 86 446 | 26 | 1 341 |
| Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB<br>ГКБТ «Дайханбанк» | 1 787 242 | 1 029 | 9 211 | 274 599 | 182 | 1 157 | 28 598 | 18 | 525 | 106 736 | 89 | 1 163 | 445 048 | 196 | 1 738 | 404 335 | 266 | 2 509 | 527 926 | 278 | 2 119 |
| Türkmen-Türk PTB<br>Туркмено-Турецкий АКБ | 104 308 | 10 | 1 807 | | | | 98 637 | 5 | 1 240 | | | | 901 | 1 | 88 | 2 661 | 3 | 241 | 2 109 | 1 | 238 |
| «Rysgal» PTB<br>АКБ «Рысгал» | 141 313 | 20 | 3 259 | | | | 87 948 | 12 | 1 828 | 11 867 | 2 | 292 | 9 275 | 2 | 323 | 17 415 | 2 | 355 | 14 808 | 2 | 461 |
| Türkmenistanyň «Senagat» PTB<br>АКБТ «Сенагат» | 363 483 | 92 | 4 360 | 16 093 | 5 | 152 | 186 498 | 16 | 1 927 | 58 559 | 19 | 818 | 26 598 | 12 | 678 | 30 584 | 20 | 279 | 45 151 | 20 | 506 |
| TD Daşary ykdysady iş banky<br>Туркменвнешэкономбанк | 493 512 | 59 | 1 132 | | | | 456 040 | 36 | 863 | 37 472 | 18 | 269 | | 1 | | | 3 | | | 1 | |
| **Jemi / итого** | **4 921 351** | **2 152** | **41 145** | **400 422** | **247** | **3 192** | **1 702 268** | **451** | **13 124** | **513 850** | **279** | **5 386** | **625 572** | **283** | **5 174** | **800 326** | **445** | **7 236** | **878 913** | **447** | **7 033** |

*Bank işlerini awtomatizasiýalaşdyryş müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Автоматизации банковских работ*

### 01.01.2022 - 01.06.2022 seneleri aralygynda bank kartlary boýunça nagt we nagt däl pul dolanyşygy
### Наличный и безналичный денежный оборот по банковским картам на период с 01.01.2022 по 01.06.2022 года

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений | Jemi / Итого | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Amallaryň sany<br>Количество операций | Nagt almak (manat) / Снятие наличных (манат) | | Nagt däl hasaplaşyk (manat) / Безналичный расчет (манат) | | | | | |
| | | Bankomat üsti bilen<br>Через банкомат | Terminal üsti bilen<br>Через терминал | Bankomat üsti bilen<br>Через банкомат | Terminal üsti bilen<br>Через терминал | «Internet-bank» ulgamy arkaly<br>Через систему «Интернет-банк» | «Mobil-bank» ulgamy arkaly<br>Через систему «Мобильный-банк» | «Elektron-söwda» ulgamlary arkaly<br>Через системы «Электронной коммерции» | «Halkbank terminal» ulgamy arkaly<br>Через систему «Халкбанк терминал» |
| Türkmenistanyň Merkezi banky<br>Центральный банк Туркменистана | 35 925 | 15 909 375 | 2 492 801 | 1 083 368 | | | | | |
| Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB<br>АКБТ «Туркменбаши» | 7 491 466 | 885 996 940 | 39 702 | 10 416 440 | 859 423 893 | 14 391 | 357 345 | 100 | 82 550 |
| Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB<br>ГКБТ «Дайханбанк» | 10 525 137 | 2 147 742 595 | 52 635 348 | 43 547 537 | 909 476 641 | 143 695 | 1 205 246 | | 3 788 448 |
| Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB<br>ГКБТ «Туркменистан» | 9 270 406 | 2 302 266 085 | 39 599 085 | 19 478 347 | 793 660 041 | 251 532 | 800 133 | 3 193 | 6 980 985 |
| Türkmenistanyň «Halkbank» PTB<br>АКБТ «Халкбанк» | 12 415 649 | 857 864 155 | 47 009 608 | 14 365 517 | 703 067 849 | 34 357 | 269 801 | 217 945 083 | 333 568 |
| Türkmenistanyň «Senagat» PTB<br>АКБТ «Сенагат» | 2 158 486 | 320 338 295 | 4 480 153 | 7 430 836 | 398 461 382 | 59 209 | 1 675 074 | 1 435 112 | |
| Türkmen-Türk PTB<br>Туркмено-турецкий АКБ | 1 264 738 | 39 211 110 | 1 345 723 | 136 808 | 296 675 450 | 11 639 | 28 263 | 4 880 833 | |
| «Rysgal» PTB<br>АКБ «Рысгал» | 2 590 564 | 120 712 990 | 1 004 708 | 62 021 | 522 200 445 | | | 26 494 | |
| TD Daşary ykdysady iş banky<br>Туркменвнешэкономбанк | 811 800 | 182 670 972 | | | 133 200 085 | | | 794 273 | |
| **Jemi / Итого** | **46 564 171** | **6 872 712 517** | **148 607 129** | **96 520 874** | **4 616 165 786** | **514 823** | **4 335 862** | **225 085 088** | **11 185 551** |

***Bank işlerini awtomatizasiýalaşdyryş müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Автоматизации банковских работ***

| Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 2022-nji ýylyň 19-njy aprelindäki 97-iş belgili buýrugy bilen tassyklanyldy | Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2022-nji ýylyň 21-nji maýynda 1602 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alyndy |
|---|---|

# Türkmenistanyň karz edaralary tarapyndan milli programma önümlerini döretmek we enjamlary öndürmek boýunça işler hem-de taýýar milli programma önümleriniň we enjamlarynyň satyn alynmagy we ulanyşa girizilmegi üçin kiçi we orta telekeçiligiň subýektlerine karzlary bermeginiň Tertibi

## I bap. Umumy düzgünler

1. Şu Türkmenistanyň karz edaralarynyň milli programma önümlerini döretmek we enjamlary öndürmek boýunça işler hem-de taýýar milli programma önümleriniň we enjamlarynyň satyn alynmagy we ulanyşa girizilmegi üçin kiçi we orta telekeçiligiň subýektlerine karzlary bermegiň Tertibi (mundan beýläk - Tertip), Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, Türkmenistanyň Raýat kodeksine, 2011-nji ýylyň 25-nji martynda kabul edilen «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda», 2011-nji ýylyň 25-nji martynda kabul edilen «Karz edaralary we bank işi hakynda», 2009-njy ýylyň 15-nji awgustynda kabul edilen «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Kanunlaryna, «Kiçi we orta telekeçiligiň subýektleriniň milli programma önümlerini döretmek we enjamlaryny öndürmek hem-de satyn almak we ulanyşa girizmek boýunça taslamalaryny maliýe taýdan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 27-nji awgustynda çykaran 2406-njy kararyna we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy.

2. Şu Tertip Türkmenistanyň karz edaralary (mundan beýläk – karz edara) tarapyndan özüniň we çekilen serişdeleriň hasabyna milli pulunda, şeýle-de Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan milli pulunda karz ugurlaryny açmagyň hasabyna kiçi we orta telekeçiligiň subýektlerine milli programma önümlerini döretmek we enjamlary öndürmek boýunça işler hem-de taýýar milli programma önümleriniň we enjamlarynyň satyn alynmagy we ulanyşa girizilmegi üçin karzlary (mundan beýläk-karz) bermegiň maksatlaryny, şertlerini we tertibini düzgünleşdirýär.

3. Şu Tertipde aşakdaky esasy düşünjeler ulanylýar:

1) **maýa goýum taslamasy -** döwlet standartlaryna (kadalaryna) laýyklykda işlenip taýýarlanylan taslama-smeta resminamalaryny öz içine alýan maýa goýumlaryny amala aşyrmagyň ykdysady maksada laýyklygynyň, möçberiniň we möhletleriniň esaslandyrylmasy, şeýle hem maýa goýumlaryny amala aşyrmak boýunça iş ýüzündäki hereketleriň beýany (täjirçilik meýilnamasy);

2) **kiçi we orta telekeçiligiň subýektleri (mundan beýläk - telekeçiler)-** «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda telekeçilik işini amala aşyrýan fiziki we ýuridik şahslar;

3) **Türkmenistanyň Merkezi bankynyň karz ugry –** Şu Tertibiň şertlerine laýyklykda telekeçilere milli programma önümlerini döretmek we enjamlary öndürmek boýunça işler hem-de taýýar milli programma önümleriniň we enjamlarynyň satyn alynmagy we ulanyşa girizilmegi üçin karzlaşdyrmak boýunça Türkmenistanyň karz edaralaryna Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan berilýän serişdeler.

## II bap. Telekeçilere karzlary bermegiň düzgünleri

4. Telekeçilere karzlary bermegiň şertleri şu tertipde kesgitlenilýär:

1) milli programma önümlerini döretmek we enjamlary öndürmek boýunça işler üçin ýyllyk 2 göterim bilen, 2 ýyl ýeňillikli döwri bolan 5 ýyl möhlete;

2) taýýar milli programma önümleriniň we enjamlarynyň satyn alynmagy we ulanyşa girizilmegi üçin ýyllyk 2 göterim bilen, 6 aý ýeňillikli döwri bolan 3 ýyl möhlete.

5. Karzlar şu Tertibiň altynjy böleginde görkezilen maksatlar üçin 15 göterimden az bolmadyk hususy seridelerini goýmak şerti bilen karzlaşdyrylýar. Şeýle hem, telekeçileriň milli programma önümlerini döretmek we enjamlary öndürmek boýunça işler hem-de taýýar milli programma önümleriniň we enjamlarynyň satyn alynmagy we ulanyşa girizilmegi boýunça olaryň alyp barýan işlerine laýyklykda karz ugruny açmak bilen tapgyrlaýyn karzlaşdyrylyp bilner.

6. Şu Tertibe laýyklykda telekeçilere berilýän karzlar şu maksatlara gönükdirilmäge degişlidir:

1) milli programma üpjünçiligini satyn almak (şol sanda işgärleri okatmak boýunça çykdajylary, eger-de programma üpjün edijiler bilen baglaşylan şertnamada göz öňüne tutulan bolsa);

2) sanly tehnologiýalar ulgamynda enjamlary, enjamlaýyn-programma serişdelerini satyn almak;

3) sanly tehnologiýalar ulgamynda enjamlary, enjamlaýyn-programma serişdelerini gurnamak, düzmek hem-de ulanyşa girizmek boýunça çäreler (şol sanda işgärleri okatmak boýunça çykdajylary, eger-de ol üpjün edijiler bilen baglaşylan şertnamada göz öňüne tutulan bolsa);

4) sanly tehnologiýalar ulgamynda milli programma önümlerini döretmek we enjamlary öndürmek, şeýle hem olary gurnamak, düzmek hem-de ulanyşa girizmek maksady bilen kompýuterleri, serwerleri we tor enjamlaryny satyn almak;

5) milli programma önümlerini döretmekde we enjamlary öndürmekde işleri we hyzmatlary ýerine ýetiren taraplar bilen hasaplaşyklary geçirmek;

6) programma üpjünçiligini, intellektual işiniň netijesine bolan hukugy (lisenziýa, emläk hukugyny) satyn almak üçin;

7) maglumat tehnologiýalar ulgamynda ýerli sanly önümlerini, hyzmatlaryny we platforma çözgütlerini durmuşa geçirmäge (edinmäge) gönükdirilen çäreler toplumy boýunça harajatlar;

8) inženerçilik işlerini alyp barmak, satyn alynýan enjamlary gurnamak, düzmek hem-de ulanyşa girizmek boýunça işleri we hyzmatlary ýerine ýetirmegiň anyk meýilnamasyny goşmak bilen awtomatlaşdyrylan we informasiýa ulgamlary kämilleşdirmek, maglumat tehnologiýalar ulgamynda ýerli sanly önümlerini, hyzmatlaryny we platforma çözgütlerini ulanyşa girizmek boýunça tehniki resminamalary işläp taýýarlamak.

7. Karzlar şu aşakdaky maksatlar üçin berlip bilinmez:

1) ýitgileriň öwezini dolmak;

2) karzy resmileşdirmek bilen baglanyşykly hyzmatlaryň bahasyny tölemek;

3) önümçilik däl çykdajylaryny (puşmany töleg, jerime we ş.m.) tölemek;

4) önümçiligine dahylly bolmadyk esasy serişdeleri edinmek;

5) Türkmenistanyň kanunçylygyna ters gelýän hasaplaşyklary amala aşyrmak.

8. Karz almaga ýüz tutýan telekeçilere bildirilýän talaplar:

1) karz şu Tertibiň altynjy böleginiň 3-4-nji bentlerinde bellenen maksatlarda alynýan halatynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentligi tarapyndan berlen ygtyýarnamasynyň bolmagy;

2) karz bilen bagly iş meýilnamasynyň we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň «Türkmenaragatnaşyk» agentliginiň oňyn netijenamasynyň bolmagy;

3) salgytlaryň ähli görnüşleri boýunça bergisiniň we hereket edýän karzlary boýunça möhleti geçen bergileriniň bolmazlygy.

9. Telekeçiler şu Tertibiň altynjy böleginde görkezilen maksatlar üçin karzlary almak üçin Karz edarasyna şu resminamalary tabşyrýar:

1) karz almak üçin arzasy;

2) fiziki şahslar üçin:

a) şahsyýetini tassyklaýan resminamanyň nusgasy;

b) salgyt hasabyna goýulandygy hakynda şahadatnamanyň nusgasy;

ç) hususy telekeçi hökmünde bellige alnandygy hakynda şahadatnamanyň nusgasy;

3) ýuridik şahslar üçin:

a) döwlet tarapyndan bellige almak hem-de Türkmenistanyň ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawyna girizmek baradaky şahadatnamasynyň nusgasy;

b) salgyt hasabyna goýlandygy hakynda şahadatnamanyň nusgasy;

4) karzy ulanmak bilen bagly şertnamalaryň we hasap-fakturalaryň göçürme nusgalary;

5) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ygtyýarlylandyrylmaga degişli işleriň görnüşleri boýunça ygtyýarnamanyň nusgasy;

6) karzyň üpjünçiligine hödürlenýän girewine goýulýan emläk babatynda eýeçilik hukugyny we olaryň bahasyny tassyklaýan resminamalaryň nusgalary;

7) satyn alynýan enjamlaryň, enjamlaýyn-programma serişdeleriniň we programma önümleriniň gelip çykyşyny tassyklaýan resminamalary;

8) enjamlar öndürlende eýeçiliginde, kärende ýa-da başga kanuny esasda peýdalanmagynda bolan degişli jaýlaryň bardygyny tassyklaýan resminamalaryň nusgalary.

Şu bölekde görkezilen resminamalar karz edarasy tarapyndan resmi elektron poçtasy arkaly kabul edilip bilner.

10. Karz edara karz boýunça borçnamalary ýerine ýetirmek maksady bilen üpjünçiligiň şu aşakdaky görnuşlerini talap etmage hukuklydyrlar:

1) emlägiň girewini;

2) bankyň ýa-da ätiyaçlandyryş guramasynyň kepilligini.

11. Karza we tölege ukyby bolan üçünji tarapyň zamunlygy üpjünçiligiň goşmaça görnüşi bolup biler we ol Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, karz beriji bankyň peýdasyna bergidar bilen zamunçynyň arasynda ýazmaça görnüşdäki zamunlyk şertnamasy bilen resmileşdirilýär.

12. Zamunçynyň bank karzlary we beýleki görnüşli bergileri (zamunlyk, kepillik hem-de telekeçi bolup çykyş eden ýagdaýynda 2-nji tekjede wagtynda tölenmedik hasaplaşyk resminamalary) barada maglumatlar öwrenilmelidir.

13. Telekeçä karz bermegiň mümkinçiligi hakynda meselä garalan wagty Karz edara onuň karzy üzmek ukybyny, iş meýilnamasyny hem-de karz taryhyny öwrenýär.

14. Karz edara bilen karz alyjynyň arasyndaky özara gatnaşyklar taraplaryň arasynda baglaşylan karz şertnamasy esasynda düzgünleşdirilýär.

15. Telekeçi tarapyndan karz boýunça esasy bergi we/ýa-da oňa hasaplanan göterimler karzy üzmekligiň tertibinde göz öňünde tutulan möhletlerde tölenmedik halatynda, Karz edaranyň karz şertnamasyny bir taraplaýyn ýatyrmak arkaly, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, karzy möhletinden öň yzyna talap etmäge we borçnamany üpjün ediş serişdeleriň hasabyna talabyny kanagatlandyrmaga hukugy bardyr.

## III bap. Türkmenistanyň karz edaralary tarapyndan telekeçileriň karz almak uçin ýüz tutmalaryna garamagyň tertibi

16. Türkmenistanyn karz edaralary şu Tertibiň şertlerine laýyklykda, karzlaryň maksatly niýetlenilişinden ugur alyp, karz almak üçin ýüz tutan, telekeçileriň resminamalarynyň bukjasyny seljerýär.

Karz edaranyň düzüm birliginiň (karz ýa-da gaýry ygtyýarly müdirlik, bölüm) işgäri şu Tertibiň sekizinji we dokuzynjy böleklerine laýyklykda telekeçiler tarapyndan tabşyrylan resminamalaryň we bildirilýän talaplaryň esasynda, onuň tölege ukyplylygyna, karz taryhyna, karzyň üpjünçiligine, yzyna gaýtarylyş talaplaryna seljerme geçirýär hem-de karz toparyna hödürleýär. Karz edaranyň karz topary telekeçileriň resminamalarynyň bukjasyna laýyklykda, hödürlenýän karz resminamalaryň we karzlaryň wajyplygyna, maksadalaýyklygyna, önümçiligiň ýerleşdirilmeginiň netijeliligine, ilatyň iş bilen üpjün edilmegine, şertleriň döredilmegine baha berýär. Baha bermegiň netijeleri esasynda karz topary telekeçileriň arzasynyň hasaba alnan senesinden başlap, 12 (on iki) iş gününiň dowamynda karz bermek ýa-da karz bermekden ýüz döndermek hakynda çözgüt kabul edýär.

Karz toparynyň karz bermek ýa-da karz bermekden ýüz döndermek baradaky netijeleri mejlis ýazgysy bilen resmileşdirilýär.

Eger-de karz bermeklik kanagatlandyrylmadyk ýagdaýynda, onuň sebäpleri ýazmaça görnüşde esaslandyrylyp, telekeçilere iberilýär.

17. Karz edarasy karz toparynyň karz bermek barada çözgüt kabul edenden soňra, bellenilen tertipde karz bermek boýunça ähli zerur amallaryny geçirýär.

18. Telekeçiler karz boýunça iş meýilnamasynyň dogrulygyna we karzyň alynmagy bilen göz öňünde tutulan maksatlaryň durmuşa geçirilmegine Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýärler.

## IV bap. Karz edaranyň ýüztutmasy esasynda Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan karz ugurlaryny açmagyň tertibi

19. Türkmenistanyň Merkezi banky karz edaranyň ýüztutmasy esasynda şu Tertibiň bäşinji böleginde göz öňünde tutulan maksatlara ýyllyk 1 göterim bilen karz serişdeleri bermek üçin karz şertnamasyny baglaşýar.

20. Karz şertnamasynda taraplaryň borçnamalary, berilýän karzyň umumy möçberi, karzyň maksady, möhleti geçen bergileriň dörän ýagdaýynda göterim derejesiniň ýokarlanmagy, karzy gaýtarmagyň we şol boýunça göterimleri tölemegiň möhleti, taraplaryň salgylary görkezilýär.

21. Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan telekeçileri karzlaşdyrmak üçin karz edarasyna berlen karzyň möçberine, karz edara tarapyndan karz şertnamasynda görkezilen möhletlerde we möçberde göterimler hasaplanylýar.

22. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň serişdeleri üçin göterimler telekeçilerden göterimleri tutup alynmagyna garamazdan karz edara tarapyndan hasaplanylýar we tölenilýär.

23. Karz ugrunyň möçberi artdyrylanda we/ýa-da möhleti uzaldylanda Türkmenistanyň Merkezi banky bilen karz edaranyň arasynda karz ugrunyň möhletini we täze möçberini görkezmek bilen karz şertnamasyna goşmaça ylalaşyklar baglaşylýar.

24. Karz ugrunyň hereket ediş möhleti gutarandan soň bank bu karz ugry boýunça müşderi tarapyndan alnan karzlaryň hakyky gaýtarylan möçberine garamazdan, hasaplanyp goşulan göterimleri hasaba almak bilen Türkmenistanyň Merkezi bankynyň serişdelerini bank bilen müşderiniň arasyndaky karz şertnama esasynda karzy üzmekligiň tertibine laýyklykda karz şertnamasynyň

şertleri esasynda yzyna gaýtarmaga borçludyr.

25. Türkmenistanyň Merkezi banky karz edaranyň wekili bilen karz ugrunyň hasabyna müşderilere berlen karzlaryň maksadalaýyk peýdalanyşyna barlagy amala aşyrmaga hukugy bardyr.

26. Türkmenistanyň Merkezi banky şu Tertibiň şertlerine laýyklykda, berlen karz serişdeleriň maksadalaýyk ulanylmadyk ýagdaýy ýüze çykarylan halatynda ol karz ugrunyň degişli böleginiň möhletinden öň yzyna gaýtarylmagyny karz edaradan talap etmäge hukugy bardyr.

## V bap. Karz bermegiň tertibi, karzlary peýdalanmagyň hasaby we gözegçiligi

27. Karz bermeklik Türkmenistanyň karz edaralary, şol sanda olaryň şahamçalary tarapyndan amala aşyrylýar.

28. Karzlar, karz hasabyny açmak hem-de bu hasapdan bellenilen maksada laýyklykda nagt däl görnüşde berilýär.

29. Telekeçiniň karz hasaplaryndan Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, daşary söwda şertnamalary boýunça Türkmenistanyň dahylsyzlary bilen hasaplaşyklary geçirmek üçin daşary ýurt puluny satyn almaga ygtyýar berlip bilner.

30. Karz edaralary tarapyndan karzyň üpjünçiliginiň ýagdaýyna hem-de karzyň netijeli we maksadalaýyk ulanylyşyna Karz bölüminiň hem-de Bank işlerini awtomatizasiýalaşdyryş bölüminiň hünärmenleriniň gatnaşmagynda ýerinde barlaglar geçirilmelidir. Karz alyjy tarapyndan alnan karzlaryň maksadalaýyk ulanylmadyk halatynda karz edarasynyň karz şertnamasynda bellenilen tertipde niýetlenişine görä peýdalanylmadyk karzyň möçberini onuň hasaplaşyk ýa-da başga hasaplaryndan möhletinden öň tutup almaga hukugy bardyr.

31. Üzülişmegiň möhletleri töleg tertibi görnüşinde berilmelidir, karz alyjylar alan karz serişdelerini karz şertnamada göz öňünde tutulan möhletlerde we bellenilen töleg tertibinde gaýtarmaga borçludyr.

32. Karz alyjy tarapyndan karz boýunça esasy berginiň we göterim tölegleriniň möhletinden öň gaýtarylmagy karz şertnamasynda bellenilen tertipde amala aşyrylýar.

33. Karz alyjy tarapyndan karz boýunça esasy berginiň we göterimleriň karz şertnamasynda bellenilen möhletlerde tölenilmedik ýagdaýynda karz edarasy emele gelen borçnamalar boýunça hasaplaşyklaryň öz wagtynda geçirilmegini talap etmäge we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda öz talaplaryny doly möçberde kanagatlandyrmaga hukugy bardyr.

34. Karz edara şu Tertibiň şertlerine laýyklykda karzy alan telekeçileriň sanawyny goşmak bilen, karz ugurlaryny peýdalanmagyň ýagdaýy hakynda her aýda Türkmenistanyň Merkezi bankyna hasabat bermäge borçludyr.

35. Şu Tertipde beýan edilmedik düzgünler Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda düzgünleşdirilýär.

**Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 2022-nji ýylyň 18-nji aprelindäki 95-iş belgili buýrugy bilen tassyklanyldy**

**Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2022-nji ýylyň 23-nji maýynda 1604 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alyndy**

# Türkmenistanyň karz edaralarynyň karz bermegi hakyndaky Düzgünnama

## I bap. Umumy düzgünler

1. Şu Türkmenistanyň karz edaralarynyň karz bermegi hakyndaky Düzgünnama (mundan beýläk - Düzgünnama) Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, 1998-nji ýylyň 17-nji iýulynda kabul edilen Türkmenistanyň Kanuny bilen tassyklanan, Türkmenistanyň Raýat kodeksine, 2011-nji ýylyň 25-nji martynda kabul edilen «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda», «Karz edaralary we bank işi hakynda» Türkmenistanyň Kanunlaryna hem-de Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda, şeýle hem Türkmenistanyň karz edaralarynyň karz syýasatyny emele getirmeklige we durmuşa geçirmeklige ýardam bermek hem-de bu karz edaralaryň karz gatnaşyklary boýunça işjeňligini düzgünleşdirmek maksady bilen işlenilip taýýarlanyldy.

Şu Düzgünnama Türkmenistanyň karz edaralarynyň karz bermegi bilen bagly gatnaşyklary düzgünleşdirýär.

2. Şu Düzgünnama Türkmenistanyň karz edaralarynyň, daşary ýurt banklarynyň Türkmenistanda bellige alnan şahamçalarynyň we wekillikleriniň (mundan beýläk – karz edara) karz bermek syýasatyny düzgünleşdirýän resminamalarynda ulanmak üçin niýetlenilýär. Karz edaranyň karz bermek babatdaky işi Türkmenistanyň Merkezi bankynyň (mundan beýläk – TMB) Türkmenistanda alyp barýan ýeke-täk döwlet pul-karz syýasatyna laýyklykda amala aşyrylýar.

3. Şu Düzgünnamanyň maksatlary üçin ulanylýan esasy düşünjeler:

1) karz alyjy – karz gatnaşyklarynda pul serişdelerini karz edaradan alýan we olary karz şertnamasynda bellenilen şertlerde gaýtarmaga borçlanýan şahs;

2) karz şertnamasy – ýazmaça görnüşde baglaşylan raýat-hukuk şertnamasy, oňa laýyklykda karz edara karz alyja pul serişdelerini şol şertnamada göz öňünde tutulan möçberlerde we şertlerde bermäge borçlanýar, karz alyjy bolsa alan pul serişdelerini karz şertnamasynda bellenilen möhletde gaýtarmaga hem-de karz boýunça hasaplanylýan göterimleri tölemäge borçlanýar;

3) karz ugry – Karz edarasynyň karz alyjynyň öňünde hukuk taýdan resmileşdirilen borçnamasy, oňa laýyklykda Karz edara belli bir döwrüň dowamynda karz alyja ylalaşylan möçberiň, möhletiň we göterimleriň çäklerinde karz bermäge borçlanýar;

4) karzy üzmek ukyby – karz alyjynyň karz şertnamasyna laýyklykda bellenilen möhletde karzy we ol boýunça hasaplanylýan göterimleri gaýtarmak ukyby;

5) karzyň möhletini uzaltmak (gaýtadan seretmek) – karz beriji bilen karz alyjynyň ylalaşmagy netijesinde karzy yzyna gaýtarmak boýunça şertlerini üýtgetmek bilen bagly hereketleri;

6) karz boýunça bergi – karz boýunça esasy berginiň hem-de oňa hasaplanan göterimleriň (eger bar bolsa möhleti geçen karzlar we möhleti geçen göterimler) jemi;

7) karzyň üpjünçiligi – Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda karzlar emlägiň (şol sanda döwlete degişli we başga gymmatly kagyzlaryň girewi), karz edara kepilligi, zamunlyk we Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan başga görnüşdäki borçnamalar bilen üpjün edilip bilner;

8) karz serişdeleri – Karz edaranyň ygtyýarynda durýan, karz we beýleki amallary üçin ulanylýan pul serişdeleriniň jemi;

9) sindisirlenen karz – iki ýa-da ondan köp bolan karz berijileriň bilelikde özara baglaşylan şertnamalaryna laýyklykda karz alyja berilýän karzyň görnüşi (bu ýerde karzyň çeşmesi bolup, geleşige gatnaşýan taraplaryň serişdeleri çykyş edýär);

10) ýeňillikli karz – Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döwlet meýilnamalaryny maliýeleşdirmek üçin döwlete dahylly we dahylsyz ýuridik şahslara hem-de fiziki şahslara berilýän karzyň görnüşi;

11) göterimiň bellenilen möçberi – karz edaralarynyň, öz geçirýän dürli görnüşdäki amallary boýunça belleýän göterimleriniň mukdar ölçegi;

12) karz edaranyň karz topary– karz edarasynyň we onuň Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde döredilen şahamçalarynyň karz topary;

13) resminamalar bukjasy – müşderiniň hukuk ukyplylygyny we karz ukyplylygyny öwrenmek maksady bilen oňa karzy bermegiň mümkinçiligi hakynda meselä garamak üçin resminamalar toplumy.

## II bap. Karzlaşdyrmagyň umumy esaslary

4. Karz edaranyň karz serişdeleriniň çeşmeleri bolup karz edaranyň öz serişdeleri we ýuridik we fiziki şahslardan çekilen hem-de Karz edaralardan we beýleki maliýe guramalaryndan çekilen karz serişdeleri çykyş edýär.

5. Karz bermegiň esasy ýörelgeleri töleglilik, möhletlilik we yzyna gaýtarmaklykdyr.

6. Karzlar berilýän möhletlerine baglylykda gysga möhlete (12 aýa çenli) we uzak möhlete (12 aýdan uzak döwre) bölünýär.

7. Karz alyjylaryň karz almak üçin ýaşaýan ýerine garamazdan islendik Karz edara ýüz tutmaga hukugy bardyr.

8. Ýuridik we fiziki şahslar karz alyjy bolup bilerler.

9. Karz serişdeleri, Karz edaranyň karz toparynyň kabul eden çözgüdi esasynda Karz edara bilen karz alyjynyň arasynda baglaşylan karz şertnamasy esasynda berilýär, karz şertnamasyna Karz edaranyň ýolbaşçysy we karz alyjy ýa-da olar tarapyndan ygtyýarly edilen, degişli hukuklara eýe bolan beýleki taraplar gol çekýär.

10. Karz edaranyň karz toparynyň çözgüdi karz alyjy tarapyndan hödürlenen resminamalary hem-de Karz edaranyň degişli düzüm birliginiň hünärmeniniň ýazmaça beren seljerme netijenamasy esasynda kabul edilýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň degişli kararlary bilen berilýän ýeňillikli karzlardan başga, karzlaryň görnüşine garamazdan ony bermek baradaky ýüz tutmanyň gelip gowşan gününden 10 (on) iş gününiň dowamynda karz edarasy tarapyndan karz alyja karz bermek ýa-da karz bermekden ýüz döndermek barada esaslandyrylan çözgüt kabul edilmelidir we bu barada karz alyja habar berilmelidir.

Karz alyjylaryň karz almak baradaky ýüztutmasyna we onuň ýanyna goşulýan resminamalaryna seretmegiň hem-de çözgüdi kabul etmekligiň möhletleri barada Karz edaradan maglumat almaga hukugy bardyr.

11. Karz alyjynyň ýüztutmasy kanagatlandyrylan ýagdaýynda, karz beriljek Karz edarasynda karz hasaby açylýar.

12. Karz alyja, Karz edara tarapyndan karz pul serişdeleri nagt däl görnüşinde we (ýa-da) nagt pul görnüşinde berilýär.

13. Ýuridik şahslara we ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işini amala aşyrýan fiziki şahs-hu-

susy telekeçilere (mundan beýläk – hususy telekeçi) karz bermek nagt däl görnüşinde, karz şertnamasynda göz öňünde tutulan maksatlar üçin karz alyjynyň hasaplaşyk hasabyna geçirilmän, (zähmet hakyny tölemek bilen baglanyşykly berilýän karzlardan we döwlet tabşyrygy boýunça ekilýän ekinlere açylýan karz ugrundan daýhan birleşikleriň öz tehnikalary bilen ýerine ýetirýän mehanizmleşdirilen işlerine geçirilýän töleglerden başga) Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda resmileşdirilen hasaplaşyk resminamalary boýunça tölegi karz hasabyndan tölemek arkaly amala aşyrylýar.

TMB-nyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda göz öňünde tutulan halatlarda ýuridik şahslara we hususy telekeçilere fiziki şahslar bilen hasaplaşyklary geçirmek üçin nagt görnüşinde karzlar berlip bilner.

14. Milli puldaky karzlar Türkmenistanyň dahyllylary, şeýle hem dahylsyzlary bilen hasaplaşyklar üçin berilýär. Daşary ýurt pulundaky karzlar, eger TMB-nyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda we Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa Türkmenistanyň dahylsyzlary bilen hasaplaşyklar üçin berilýär.

TMB-nyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda we Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk halatynda milli puldaky karzlar Türkmenistanyň dahylsyzlary bilen hasaplaşyklary geçirmek üçin daşary ýurt puluny satyn almaga berlip bilner.

15. Karz edara bank däl karz edarasynyň karz bermekligi baradaky işi (hukugy) TMB-nyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

16. Karzlar şu maksatlar üçin berilmeli däldir:

1) ýitgileriň öwezini dolmak;

2) ýuridik şahslaryň esaslyk maýasyna gatançlary amala aşyrmak;

3) paýnamalary satyn almak;

4) karzy resmileşdirmek bilen baglanyşykly hyzmatlaryň bahasyny tölemek;

5) önümçilik däl çykdajylaryny (şertnamalaýyn gatnaşyklarda ýüze çykýan jerimeleri we puşmana pullaryny we ş.m.) tölemek;

6) gymmatly kagyzlar boýunça göterim haklaryny (diwidendleri) tölemek;

7) Türkmenistanyň kanunçylygyna ters gelýän hasaplaşyklary amala aşyrmak.

17. Karz bir gezekleýin ýa-da karz ugruny açmak görnüşinde berilýär.

18. Karz edara karz alyja karzlaşdyrmaklygyň şertlerine baglylykda şu karz ugurlaryny açyp biler:

1) dikeldilýän karz ugry boýunça;

2) dikeldilmeýän karz ugry boýunça.

Dikeldilýän karz ugry (aňryçäk möçberi bellenilýär) - karz alyja berilýän karzyň görnüşi bolup, ol ýerde karz alyjynyň karz ugry boýunça esasy bergisiniň aňryçäk möçberi bellenilip, şertnamanyň hereket edýän döwrüniň dowamynda karz boýunça esasy berginiň yzyna gaýtarlan bölegini hasaba almak bilen, dikeldilýän karz ugrunyň hasabyna karz serişdeleri gaýtadan ulanmak mümkinçiligi göz öňünde tutulýar.

Dikeldilmeýän karz ugry (aňryçäk möçberinden geçmeli däl) - bu şertnamada karzyň möhletine we umumy möçberine laýyklykda serişdeleri birnäçe bölekler bilen berilmegi göz öňüne tutulýan karzyň görnüşi. Bu usulda karzyň möçberiniň aýlanşygy, karz ugruny açmak baradaky şertnamada bellenen serişdeleriň umumy aňryçäk möçberinden geçmeli däldir.

19. TMB-niň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda, Karz edaralary karzlar boýunça, karz we olara deňeşdirilen bergiler boýunça bolup biljek ýitgileriň öwezini dolmak üçin bellenilen tertipde ätiýaçlyk gorlaryny döretmäge borçludyr.

20. Karz edara karz serişdelerini bermegiň, olar boýunça amallara gözegçilik etmegiň we karzy

gaýtarmagyň hem-de karzlar bilen baglanşykly töwekgelçilikleri dolandyrmagyň tertibini Türkmenistanyň kanunçylygyna, TMB-niň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna we şu Düzgünnama laýyklykda özbaşdak düzgünleşdirýär.

### III bap. Karzlary bermegiň şertleri

21. Karz alyja karz bermegiň mümkindigi hakynda meselä garalan mahaly Karz edara karz alyjy bilen söhbetdeşlik geçirýär, onuň karzy üzmek ukybyny, işewürlik abraýyny we karz taryhyny öwrenýär.

22. Ýuridik şahslar karz almak üçin Karz edara aşakdaky resminamalary tabşyrýar, şol sanda tabşyrmaly resminamalary resmi elektron poçtasy arkaly kabul edilinip bilner:

1) karz alyjynyň ýa-da olar tarapyndan ygtyýarly edilen, degişli hukuklara eýe bolan beýleki taraplaryň karz almak üçin ýüz tutmasy;

2) işewürlik meýilnamasy ýa-da tehniki ykdysady esaslandyrmasy;-

3) işjeňliginiň soňky üç ýylyny öz içine alýan maliýe hasabatlary (eger ýuridik şahsyň döredilen pursadyndan bäri 3 senenama ýyly geçmedik bolsa, döredilen pursadyndan bäri tabşyran maliýe hasabatlary);

4) karzy ulanmagyň maksady bolan harytlary, ýerine ýetirilýän işleri, hyzmatlary tassyklaýan şertnamalaryň nusgalary ýa-da hasaplaşyk töleg resminamalarynyň göçürme nusgalary;

5) esaslandyryş resminamalarynyň (Tertipnamanyň, Düzgünnamanyň, esaslandyryş şertnamanyň), salgyt hasabyna goýulandygy hakynda şahadatnamasynyň, Türkmenistanyň ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawyna girizmek baradaky şahadatnamasynyň we Türkmenistanyň ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürmesiniň nusgalary;

6) maliýeleşdirilýän taslama boýunça ýer böleginiň ýa-da önümçilik jaýynyň barlygyny tassyklaýan resminamalaryň göçürmesi (ýer bölegine eýeçilik hukugyny berýän Döwlet namasy, ýerden peýdalanmak hukugyny berýän Döwlet namasy, ýere kärende hukugy barada Şahadatnama, tükelleýiş işi, kärende şertnamasy);

7) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ygtyýarlylandyrylmaga degişli işleriň görnüşleri boýunça ygtyýarnamanyň nusgalary;

8) karzyň üpjünçiligine hödürlenýän girewleriň eýeçilik hukugyny we olaryň bahasyny tassyklaýan resminamalaryň göçürme nusgalary;

9) önümçilik desgalaryny gurmaklyga potrat şertnamalar (gurluşyk we taslama işlerine degişli ygtyýarnamalaryň nusgalaryny çatmak bilen);

10) Baş binagärler tarapyndan tassyklanylan baş meýilnamanyň we eskiz taslamanyň nusgasy;

11) satyn alynýan enjamlaryň gelip çykyşyny tassyklaýan resminamalar.

23. Hususy telekeçi karz almak üçin Karz edara şu resminamalary tabşyrýar, şol sanda tabşyrmaly resminamalary resmi elektron poçtasy arkaly kabul edilinip bilner:

1) karz almak üçin ýüztutmasy;

2) iş meýilnamasy ýa-da tehniki ykdysady esaslandyrmasy;

3) işjeňliginiň soňky üç ýyly boýunça - hususy telekeçiniň girdejileri barada Türkmenistanyň salgyt edaralary tarapyndan tassyklanan salgyt beýannamasynyň (arassa peýdasyny görkezmek bilen) nusgasy (eger telekeçiniň hasaba alnan pursadyndan bäri 3 senenama ýyly geçmedik bolsa, onuň hasaba alnan pursadyndan bäri tabşyran girdejileri barada salgyt beýannamalary);

4) karzy ulanmagyň maksady bolan harytlary, ýerine ýetirilýän işleri, hyzmatlary tassyklaýan resminamalaryň (şertnamalar, töleg tabşyryknamalary we ş.m.) nusgalary;

5) salgyt töleýjiniň salgyt hasabyna goýlandygy hakynda şahadatnamanyň we hususy telekeçi hökmünde döwlet belligine alnandygy baradaky şahadatnamanyň we salgyt salmagyň ýönekeýleşdirilen ulgamy bellenilen işleriň görnüşleri üçin girdeji salgydynyň bellenen ululygynyň tölenendigine şaýatlyk edýän tassyknamasynyň nusgalary;

6) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ygtyýarlylandyrylmaga degişli işleriň görnüşleri boýunça ygtyýarnamanyň nusgalary;

7) maliýeleşdirilýän taslama boýunça ýer böleginiň ýa-da önümçilik jaýynyň barlygyny tassyklaýan resminamalaryň göçürmesi (ýer bölegine eýeçilik hukugyny berýän Döwlet namasy, ýerden peýdalanmak hukugyny berýän Döwlet namasy, ýere kärende hukugy barada Şahadatnama, tükelleýiş işi, kärende şertnamasy);

8) karzyň üpjünçiligine hödürlenýän girewleriň eýeçilik hukugyny we olaryň bahasyny tassyklaýan resminamalaryň göçürme nusgalary;

9) önümçilik desgalaryny gurmaklyga potrat şertnamalar (gurluşyk we taslama işlerine degişli ygtyýarnamalaryň nusgalaryny çatmak bilen);

10) Baş binagärler tarapyndan tassyklanylan baş meýilnamanyň we eskiz taslamanyň nusgasy;

11) satyn alynýan enjamlaryň gelip çykyşyny tassyklaýan resminamalar.

24. Fiziki şahslar karz almak üçin Karz edara şu resminamalary tabşyrýar, şol sanda tabşyrmaly resminamalary resmi elektron poçtasy arkaly kabul edilinip bilner:

1) karz almak üçin ýüztutmasy;

2) şahsyýetini tassyklaýjy resminamanyň nusgasy;

3) Karz alyjynyň ýaşaýan ýeri, maşgala ýagdaýyny tassyklaýyn resminama (maşgala agzalara barada maglumat) we nika baglaşylandygy hakynda şahadatnamasynyň nusgasy (eger nikada duran bolsa);

4) Karz alyjynyň zähmet hakynyň möçberini görkezmek bilen iş ýerinden güwanama (ähli tutumlar tutulandan soňra galan sap girdejisi görkezilen), zähmet depderçesiniň Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde şaýatlyk edilen nusgasy. Hususy telekeçiniň girdejileri üçin salgyt boýunça beýannama;

5) zamun bolup çykyş edýän taraplaryň ýazmaça razylygy we olaryň şahsyýetini tassyklaýjy resminamanyň nusgasy (ähli zerur sahypalary), eýeleýän wezipelerini we zähmet hakynyň möçberini görkezmek bilen iş ýerinden güwanamalary, zähmet depderçeleriniň Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde şaýatlyk edilen nusgalary;

6) karzyň üpjünçiligine hödürlenýän girewleriň eýeçilik hukugyny we olaryň bahalaryny tassyklaýan resminamalaryň göçürme nusgalary.

25. Karz edara tarapyndan önümçilik desgalaryny gurmak, durkuny täzelemek, täzeden enjamlaşdyrmak hem-de önümçiligi giňeltmek üçin uzak möhletli karzlar berlen mahalynda taslamanyň ykdysady taýdan bähbitliligi, öz-özüni ödemegiň möhleti hem-de maksadalaýykdygyny kesgitleýän tehniki-ykdysady esaslandyrmalary barada hem hasaplamalary berilýär.

26. Berlen maglumatlaryň ygtybarlylygy barada esasly şübhelenmeler döränhalatynda, Karz edara karzy bermekden öň olary barlap biler, şondan soň karzy bermegiň maksada laýyklygy hakynda karara gelinýär.

27. Karz edara tarapyndan berilýän karzlaryň üpjünçiligi Türkmenistanyň kanunçylygyna we TMB-nyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda resmileşdirilmelidir.

28. Karz edara, karz alyja üpjünçiliksiz karz (ynanyşykly karz) bermek hakynda çözgüt kabul etmäge hukugy bardyr.

29. Karzy resmileşdirmek bilen baglanyşykly ýygym hak-heşdekleriniň bellenilen möçberleri,

karz edara hyzmatlaryny etmek üçin nyrhnama Karz edaralar tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda özbaşdak bellenilýär.

Karz boýunça hasaplanan göterimleri tölemegiň möhletleri karz şertnamasynda bellenilýär.

Karz boýunça göterimler karzy peýdalanmagyň hakyky möhleti üçin TMB-niň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda hasaplanylýar.

30. Karz şertnamasynda şu aşakdakylar görkezilýär:

1) taraplaryň ady;

2) karzyň möçberi;

3) karzyň maksady;

4) karzyň göterim derejesi;

5) karzy gaýtarmagyň we ol boýunça göterimleri tölemegiň möhleti;

6) taraplaryň borçlary we hukuklary;

7) jedelleriň çözülişi;

8) taraplaryň salgylary.

Türkmenistanyň kanunçylygyna garşy gelmeýän, karz şertnamasynyň galan şertleri, taraplaryň razyçylygy bilen kesgitlenilýär.

Karz şertnamasynyň şertleri her bir karz alyjy üçin aýratyn kesgitlenilýär.

31. Karzyň berilmegi hakynda resminamalar we gaýry maglumatlar, karz alyjynyň karz boýunça resminamalar bukjasynda tertipleşdirilip saklanylýar.

## IV bap. Karzlar boýunça soňraky iş

32. Karz edara karzyň maksadalaýyk ulanylyşyna gözegçilik edýär. Barlaglaryň netijeleri güwänamalar ýa-da beýleki resminamalar görnüşinde resmileşdirilýär, olara Karz edaralaryň ygtyýarly wekili we karz alyjy gol çekýär. Bu düzgün fiziki şahslara sarp ediş maksatly berlen karzlara degişli däldir.

Karz alyjy tarapyndan karz serişdeleri başga maksatlara ulanylan (ýüze çykarylan) ýagdaýynda, karz alyja karz şertnamasynda göz öňünde tutulan çäreler ulanylýar.

33. Karzyň karz şertnamasynda bellenilen möhletde yzyna gaýtarylmadyk halatynda, ol möhleti geçen karzlaryň hasabyna geçirilip ýokarlandyrylan göterim (eger bu karz şertnamasynda göz öňünde tutulan bolsa) bilen hasaplamaga Karz edaranyň hukugy bardyr.

Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň talaplaryny nazara almak bilen, karz nagt pul serişdeleri görnüşinde we (ýa-da) nagt däl töleg görnüşinde gaýtarylyp bilner.

34. TMB-nyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, daşary ýurt pulunda berlen karz boýunça bergini, karz alyjynyň milli puldaky serişdelerini Karz edaranyň özüniň açyk uzyn daşary ýurt puly ýagdaýynyň hasabyna çalyşmak arkaly üzülmegine ýol berilýär.

35. Karz alyjy karz şertnamasynda göz öňünde tutulan şertlerde alan karzyny möhletinden öň gaýtarmaga hukugy bardyr.

36. Karz alyjynyň ýüz tutmasy boýunça Karz edara karzy gaýtarmagyň möhletini karz şertnamasyna Goşmaça ylalaşyk baglaşmak esasynda uzaltmaga hukugy bardyr.

Karzy gaýtarmagyň möhletini uzaltmak hakyndaky çözgüt Karz edaranyň karz topary kabul edýär. Karz şertnama baglaşylandan soňra, onuň şertleriniň üýtgedilmegi we/ýa-da oňa goşmaçalaryň girizilmegi diňe Taraplaryň ýazmaça Goşmaça ylalaşygy baglaşmaklygy netijesinde amala aşyrylýar.

37. Karz boýunça bergi üzülmedik mahaly Karz edara karz şertnamasynda we Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan çäreleri ulanýar.

38. Eger ulanylan çäreler karz alyjylaryň karz şertnamasy boýunça borçnamalaryny ýerine ýetirmegini üpjün etmeýän bolsa, Karz edaranyň balansyndaky karz berginiň möçberini TMB-nyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda aktiwler boýunça bolup biljek ýitgileriň öwezini dolmak üçin döredilen ätiýaçlyklaryň hasabyna öçürmäge hukugy bardyr.

39. Şu Düzgünnamanyň talaplaryny bozan Karz edaralara we olaryň ýolbaşçylaryna, Karz edaralaryň işini kadalaşdyrýan Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan çäreler ulanylýar.